# Wilýam Şekspiriň adynyň astynda kim gizlenen?

Category: Edebi tankyt,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Wilýam Şekspiriň adynyň astynda kim gizlenen? WILÝAM ŞEKSPIRIÑ ADYNYÑ ASTYNDA KIM GIZLENEN?



Bu ýyl (2016 ýyl bolsa gerek. Ş.A.) aprel aýynda beýik iňlis ş ahyry we dramaturgy Wilýam Şekspiriň doglan gününe 452 ýyl dolýar. Ýöne ony öwrenijiler häzire çenli şahyryň doglan ýylyny anyk aýdyp bilenoklar. Ondan hem möhüm zat: käbi r alymlar Şekspiriň ady bilen bagly ähli genial eserleri aslyn da başga biri ýazypdyr diýen pikirde.

• Söwdagäriň ogly.

Wilýam Şekspir Stratfort şäherinde, 1564-nji ýylyň 23-nji aprelinde dogulýar. Emma başga çeşmelerde özge sene getirilýär. Köp ýazgylarda bolsa, onuň doglan senesi 26-

njy aprel diýilip berilýär. Bu ýerde hakykaty anyklamak çetin. Çünki, biziň döwrümize çenli Şekspire degişli hakyky go lýazma, hat ýa başga dokument tapylanok. Wilýamyň atasy ownuk hünärmen we söwdagär bolupdyr. Ellik dikipdir, agaç, arpa, ýüň, umuman, näme dogry gelse alypdyr, satypdyr. Maşgalada gelejekki dramaturgdan başg a ýene 7 oglan bolupdyr. Şekspiriň nirede okany anyk belli däl . Ýöne onuň doglan şäherinde mugtyna okadýan, başlangyç bilim berýän adaty mekdep bar eken. Şekspiriň şu mekdebe barany bell i. Şonuň bilen birlikde Şekspiriñ durmuşuna dahylly ýene bir maglumat emele gelýär.

Geň galaýmaly. Başlangyç mekdep ýönekeý maşgaladan çykan adama nädip ägirt uly döredijilik ukybyny berip bildikä?

Müňlerçe söz.

Adaty hünärmeniň ogly bňlan Şekspir, eserlerine garap baha berilse, ol hakyky ensiklopedik bilimleriň eýesi bolan. Onuň sözlük sostawy,takminan, 20-müň söze ýetipdir. Şol döwürde adaty ada’yň söz baýlygy 2-müňden geçmeýän eken. Şekspiriň döwürdeşi Frensis Bekonyň söz gory dokuz ýa on müňden ybarat bolupdyr. Döwrebap maglumatly iňlisiň söz hazynasy bolsa 4-müň çemesi sözden aňry geçmändir. Galyberse-de Şekspir iňlis sözlügini baýadypdyr hem. Ol ene diliniň hazynasyna 3200-sany täze sözleri goşant goşupdyr. Mundan başgada dramaturg daşary dilleri-italýan,fransuz,latin,ýunan dillerini suwara bilipdir. Gomer,Plawt,Owidi,Seneka, Plutarh kimin klassikleriň eserlerini originalda okapdyr. Ýunan-Rim mifologiýasyny kämil bilipdir. Ol geçmiş we öz döwrüniň syýasaty barasynda, korollar hem köşk durmyşy dogrysynda giň düşünjeli bolupdyr. Germaniýa kansleri Otto Bismark Şekspiriň ,,döwlet işlerine we ýaşyryn syýasata dahyldarlygy» hakda ýazýar. Drama,hronika we sonetler derňewiniň görkezişine görä, Şekspir hukukşinaslykdan, dünýä taryhyndan, söz sungatyndan,hatda, bag-bakjaçylykdanam habarly bolupdyr. Onuň eserlerinde 63-ösümlik ady getirilýär. Mundan daşgary ol lukmançylyga we anatomiýa hem gowy düşünüpdir. Ol harby ugurdan-da tejribä eýe

bolupdyr. Kyn hem zerur adalgalardan doly deňizçilik ylmyndan-da habarly eken. Şekspir asylzadalar durmuşyny we edep-ekram kadalaryny, aw hem-de başga köpläp sahnalary ussatlyk bilen teswirläpdir. Eserlerinden görnüşüne görä, onuň kän ýurtlarda bolany, Italiýany aýlanyp göreni, syn etmän teswirlemek mümkin bolmadyk ýerleri ýetik bileni aýan bolýar. Şekspiri öwreniji Jon Mitçell şeýle diýýär: «Şekspir hemme närsäni bilýän ussatdy». Geň galaýmaly, «hakyky» Şekspiriň terjimehalyna garasaň, ol hiç mahal Anglýadan daşary çykyp görmändir. 18-ýaşyndaka 26-ýaşly Enn Hataueýe öýlenýär we olardan üç perzent dünýä inýär.

Ýaş är-aýal ilkibada garybana durmuş geçirýärler. Soň Şekspir garaşylmadyk ýagdaýda Londonuň «Globus» teatrynda peýda bolýar. Bu ýerde onuň peesalary yzygiderli sahnada goýulup durulýar. Şeýlelikde ol 1599-njy ýylda «Globusuň»eýeleriniň birine öwrülýär we depseň yranmaz baýlyk eýesi bolýar. Hatda,maşgala gerbini edinmäge, dworýanlyk derejesini almaga hukuk gazanýar. 1612-nji ýylda Londony terk edip,Şekspir dogduk şäherine dolanyp gelýär. 1616-ýylyň 25-nji martynda ol wesýetnama ýazdyrýar. 23-nji aprelde-şol gün doglan diýilip çak edilýän senede wepat bolýar. Ondokuzunjy asyrda fransuz edebiýatşinasy we taryhçysy şeýle ýazýar: ,,Biziň Şekspir hakda bilýänlerimiz onuň dogluşy,öýlenişi we Londona barşy baradaky maglumatlar bilen çäklenýär. Ýöne, onuň kesekiniň peesalaryny gaýtadan işlänini, wesýetnama ýazanyny ynam bilen aýtsa bolar».
Hawa, wesýetnama hem durşuna syrly. Owaly,wesýetnama notaryus tarapyndan Şekspiriň aýdyp beren sözleri boýunça ýazylýar. Ikinjiden,onda dramaturguň döredijiligi barada bir agyz söz aýdylmaýar. Gaýta,onuň öýündäki ähli bar zatlar,hatda,hojalykda kän bir ähmiýeti duýulup durmaýan ownuk-uşak närselerem bellige alynýar welin, ýone bir kitabam sanawnama bellik edilmeýär. Şundan mälim bolşy ýaly,öýde ýekejede kitap bolmandyr. Döwürdeş golýazma öwrenijileriň onuň wesýetnamadaky nädürs ýazgylaryny öwrenip,gelen netijelerine seretseň, Şekspir elinde galam oýnatmaga endik eden adam däl

eken.

GEŇ POrtret:

Dramaturguň degerli barça eserleri bize diňe basma neşir görnüşünde mälim. Olaryň hiç hili golýazma ýa garalamasy saklanyp galmandyr. Pýesa we taryhy hronikalardan ybarat ilkinji toplumy Ol ölenden soň yglan edilýär.

Şol yglan edilen neşirde Şekspiriň portreti hem goýlupdyr. Bu surat uzak ýyllaryň dowamynda dramaturguň «hakyky'' suratlaryndan biri diýilip hasap edilip gelnipdir. Ýöne portret hem syr bilen doly. Ýigriminji asyryň başlarynda iňlis moda žurnalynyň hadymlary bu suratda Şekspiriň egnindäki donuň juda täsindigini aýdypdyrlar. Geýminiň ýary donuň öň tarapyna meňzese,galan ýary yz taýyna meňzäpdir. Synçylar muny dykgat bilen öwrenmäge girişýärler. Netije şeýle çykýar: Suratdaky adamyň sag el-ä sag el, çep taýyndaky eli hem sag el görnüşünde teswirlenipdir. Şekspirşinaslaryň belleýşiçe, portretdäki adam nikaply, kellesi çakdanaşa uly, boýny bolsa juda uzyn edilip şekillendirilipdir. Donunyň eteginden ýene bir don görünüp dur. Iň ýokarsyndaky ilik ,,içki''donuň iligi.

■ Eýse bu kim?

Mundan şeýle bir sowal döreýär.
Eýsem, Şekspir ýaly adaty, ýönekeý bir adamyň ady-sorynyň astynda kim ýaşyryndyka? Öz adyny syr tutup,keseki kişiniň adyna duwlanmak oňa name uçin zerur boldyka? Köp alymlar ol syrly adamy çuňňur ylym-bilime, beyik edebi başarnyga eýe bolan filosof Frensis Bekon diýip çaklaýarlar. Emma ýokarda aýdyşymyz ýaly, Bekonyň söz baýlygy Şekspiriňkiden iki esse kem we onuň öz eserleri Şekspiriň derejesine ýetmeýär. Ýene bir takmyna görä, bu syrly kişi iňlis şahyry Kristofer Marlo diýilip çen edilýär. Ýöne onuňam eserleri Şekspiriň paýhasyndan gaty pesde.
,,Hakyky Şekspir'' barada ýene birnäçe takmynlar bar. Beýik şahyr we dramaturg sypatynda şan-şöhrat gazanan adam, aslynda,

Týudorlar maşgalasynyň soňky wekili korol aýal Ýelizaweta 1 bolmaly.
Delillere daýanaly: Birinjisi, Şekspiriň peesalary dowamly goýulýan ,,Globus'' teatryna korol Ýelizaweta goldaw berip gelipdir-howandarlyk edipdir.
Ikinjiden, Ýelizaweta juda talantly we ukyply bolupdyr. Çagalykdan onuň zehini we başarnygy göze ilipdir. Gadymy ýunan,italýan,fransuz hem-de başga dilleri suwara bilipdir. Latin dilinde ýazylan gadymy taryhçylaryň kitaplaryny okapdyr. Ýewropanyň ylymly-sowatly kişileri bilen ýazyşmalar alyp barypdyr. Ony Kembrijiniň dana ussatlary terbiýeläpdirler. Şonuň ýalyda Ýelizaweta korol bolan mahallary halkara we içeri syýasatda taplanypdyr. Köşk edep-kadalaryny,adatlaryny we köpläp asylzadalara mahsys, başgalara näbelli bolan maýda köşk edim-gylymlaryna çenli içgin bilipdir.
Bulardan başga-da, ýene täsin aňlatmalar bar: Şekspiriň edebi derňewini alyp baryjylaryň birnäçesi onuň sonetleriniň köp böleginde zenanlyk ruhunuň barlygyny tassyklaýarlar. Eger sonetleri aýal kişi ýazypdyr diýilip pikir edilse hemmesi ýerine düşýär.
Herhalda damarynda korollar nesliniň gany akyp duran şahs,Britaniýa hökümdary özünüň şygyrlar döredip, teatr uçin peesalar ýazyp bilýän derejede uly edebi başarnygynyň bardygyny ile äşgär edip bilmezdi. Çünki,şol döwürde aktýorlar we masgarabazlar hatarynda peesalaryň awtorlary hem ,,üçünji sortly''adamlar hasabynda görülýärdi. Ýöne hakyky talant eýesi bolan kişiler ýazman durup bilmeýär ahyry! Şonuň üçin-de Wilýam Şekspiriň ady bilen ýöredilen şeýle beýik edebi dünýä emele gelipdir diýsek hakykatdan daş düşmesek gerek.

Natalýa TRIBUNOWSKAÝA.

Özbek dilinden terjime eden: Şyhymyrat ABDYLLAÝEW. Edebi tankyt